# ÝABANY HAÝWANLARYŇ GÖÇÝÄN GÖRNÜŞLERINI GORAP SAKLAMAK BOÝUNÇA BONN KONWENSIÝASY

Bonn konwensiýasy 1979-njy ýylyň 23-nji iýunynda Germaniýanyň Bonn şäherinde kabul edildi we 1983-nji ýylyň 3-nji noýabrynda resmi taýdan güýje girdi.

Häzirki wagtda bu Konwensiýa gatnaşyjy ýurtlaryň sany Afrikadan, Merkezi we Günorta Amerikadan, Aziýadan, Ýewropadan we Okeaniýadan bolan 130-a golaý ýurtlardan ybaratdyr.

Bonn konwensiýasy Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan 2020-nji ýylyň 23-nji awgustynda kabul edildi.

Konwensiýanyň çäklerinde kabul edilen Birleşen Milletler Guramasynyň Afrika-Ýewraziýa göçýän suw guşlaryny gorap saklamak baradaky ylalaşygygy (AEWA) hem Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan 2020-nji ýylyň 23-nji awgustynda tassyklandy.

## ESASY MAKSADY:

Konwensiýa ýerüsti we deňiz haýwanlarynyň göçýän görnüşlerini, şeýle hem, göçýän guşlary, olaryň ähli ýaýran ýerlerinde (arealynda) gorap saklamagy özüne maksat edinýär.

## KONWENSIÝANY TASSYKLAN DÖWLETLERIŇ BORÇLARY:

- Ýabany haýwanlaryň göçýän görnüşleriniň ýok bolmak howpundan goramak üçin olar üçin möhüm bolan ýaşaýyş ýerlerini gorap saklamak we mümkin boldugyça dikeltmek boýunça çäreleri görmek;
- Ýabany haýwanlaryň göçýän görnüşleriniň erkin migrasiýasyna çynlakaý päsgel berýän ýa-da öňüni alýan päsgelçilikleriň

ýaramaz netijelerini azaltmak, ýok etmek, öwezini dolmak ýa-da mümkin boldugyça azaltmak boýunça çäreleri görmek;

- Ýabany haýwanlaryň göçýän görnüşlerine howp salýan ýa-da howp abandyrjak täsirleri, şol sanda olaryň ýaşaýan ýeri üçin ýat bolan ýabany haýwanlaryň görnüşleriň aralaşmagynyň öňüni almak boýunça çäreleri görmek.
- Ýabany haýwanlaryň göçýän görnüşleriniň erkin migrasiýasy üçin şertleri döretmek maksady bilen, konwensiýanyň çäklerinde işlenip taýýarlanan we kabul edilen köptaraplaýyn şertnamalara, şol sanda ähtnamalara we ylalaşyklara goşulmak arkaly ählumumy tagallalary goldamak.